# Feridun Sahebjam

Category: Kitapcy,Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly
написано kitapcy | 21 января, 2025
Feridun Sahebjam FERIDUN SAHEBJAM




Feridun SAHEBJAM (Freidoune Sahebjam), parsça: فریدون صاحب جمع) asly eýranly fransuz žurnalisti, ýazyjy.
F.Sahebjam 1933-nji ýylda Fransiýanyň Born şäherinde eýranly diplomatyň maşgalasynda doguldy.
Sahebjamyň eserleri Eýran taryhynyň dürli döwürlerinden we eýranly emigrantlaryň durmuşyndan dogruçyllyklyk bilen söz açýandygy üçin üns berilmäge we öwrenilmäge mynasypdyr. Ýazyjynyň Eýranda hökmürowanlyk süren türkmen taýpasy gajarlar barada ýazan «Une Princesse Persane, a biography of his mother, an aristocrat of Qajar heritage» atly eseri hem öwrenilmäge hem-de türkmen okyjylaryna elýeterli edilmäge mynasyp eserdir. Munuň özi köpugurly türkmen taryhynyň açylmadyk sahypalaryny aýdyňlaşdyrmaga belli bir derejede goşant bolar.
F.Sahebjam hakyky meşhurlygyna 1990-njy ýylda ýazan «La Femme Lapidée» atly bolan wakalar esasynda ýazan «Soraýýany daşlamak» («The Stoning of Soraya M.: A True Story») romanynyň 1994-nji ýylda neşir edilmeginden soňra gowuşdy. Kitap dessine iň köp satylan kitaplaryň sanawynda başky orunlary eýeledi. Bu kitap esasynda 2008-nji ýylda «Soraýýany daşlamak» («The Stoning of Soraya M.») atly kinofilm ekranlaşdyrdy. Film Eýranda we başga-da birnäçe ýurtda görkezilmek gadagan edilenem bolsa, gysga wagtyň dowamynda bütin dünýäde gyzgyn seslenme döretdi we hemme ýere ýaýrady.
Ýazyjy we žurnalist F.Sahebjam 2008-nji ýylyň 26-njy martynda aradan çykdy.

ESERLERINDEN:

1. «Soraýýany daşlamak» («The Stoning of Soraya M.», Arcade Publishing, 1994);
2. «Une Princesse Persane, a biography of his mother, an aristocrat of Qajar heritage»
3.Morte parmi les vivants : Une tragédie afghane
4.»La Femme Lapidée» [The Stoning of Soraya M.]
5. Je n’ai plus de larmes pour pleurer(with Reza Behrouzi)
6.Le Vieux de la montagne
7. Reviens Mahomet, ils sont devenus fous : Chroniques de la barbarie islamique ordinaire
8.Le Dernier Eunuque
9. Mohamad reza pahlavi, shah d’iran
10.Un procès sans appel. Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly